- Esaslandyryjylaryň umumy ýygnagy, ol Jemgyýetiň işlerine ýokary ýolbaşçy gurmasy, edarasy bolup durýar. Jemgyýet Esaslandyryjylaryň her ýyllyk umumy ýygnagyny we nobatdan daşary umumy ýygnaklaryny geçirýär;
- Jemgyýetiň dolandyryş edarasy, ol Jemgyýetiň gündelik alyp barýan işine ýolbaşçylygy (dolandyryşy) onuň ýeke-täk ýerine ýetiriji Baş direktor amala aşyrýar.

## 4. Dolanyşyga göýberilýän gymmatly kagyzlar barada maglumatlar we şertler.

4.1. Obligasiýanyň goýberilişiniň görnüşi: Atly resminamalaşmadyk.

4.2. Obligasiýanyň ýerlenilýän ýeri: “Aşgabat gazna biržasy” ÝGPJ-niň söwda ulgamy.

4.3. Obligasiýanyň goýberiliş, ýerleşdiriş we yzyna gaýtarylyş ölçegleri:

- bir sany obligasiýanyň nominal bahasy: 1 000 manat;
- obligasiýanyň umumy sany: 10 000 sany;
- obligasiýanyň goýberiliş möçberi: 10 000 000 manat;
- obligasiýanyň ýyllyk girdeji göterim möçberi: 6%;
- obligasiýanyň dolanşyk möhleti: 4 ýyl;
- obligasiýanyň üpjünçiligi: emitentiň arassa aktiwleriniň gymmatynyň möçberi;

- obligasiýa boýunça göterim girdejileri tölemek tertibi: çärýekleýin;
- obligasiýa boýunça esasy berginiň gaýtarylmagynyň tertibi: soňky çärýekde girdeji göterimi bilen bilelikde maýadarlara gaýtarylýar;
- obligasiýanyň ýerlemek we tölemek tertibi: nagt däl görnüşinde milli pul birliginde;
- obligasiýanyň ýerleşdirilmeginiň başlanýan senesi: Obligasiýanyň emissiýasynyň döwlet belligine alnan senesinden;
- obligasiýanyň ýerleşdirilmeginiň tamamlanýan senesi: döwlet belligine alnan senesinden 1 ýyl möhletde (zerur bolan ýagdaýynda ýene-de 1 ýyla uzaldylyp bilner);
- ýerleşdirilmeginiň usuly - açyk ýazylyşyk;
- mümkin bolup biljek eýeleri - fiziki we ýuridiki şahslary.

4.4. <u>Obligasiýalaryň bir şahsyň satyn aljak iň az mukdary:</u> 10 sany.

4.5. <u>Obligasiýanyň möhletinden öň yzyna satyn almak şertleri:</u>

Obligasiýanyň möhletinden öň yzyna satyn alynmagy Emitent bilen Maýa goýujynyň özara ylalaşygy boýunça amala aşyrylyp bilner.

4.6. <u>Obligasiýalary emissiýa etmek baradaky karary kabul eden Emitentiň edarasy:</u>

“Tibet Türkmen” Hojalyk jemgyýetiniň Esaslandyryjylaryň Umumy ýygnagy.

## 5. Emissiýa prospektine goşulýan resminamalaryň sanawy.

5.1. Emitentiň Tertipnamasynyň nusgasy;

5.2. Emitentiň Türkmenistanyň ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmesiniň nusgasy;

5.3. Emitentiň 2022 we 2023 ýyllar hem-de 05.04.2024ý. ýagdaýy boýunça Maliýe hasabatlylygynyň toplumlarynyň nusgalary;

5.4. Emitentiň 2022 we 2023-nji ýylyň 31-nji dekabr ýagdaýlaryna Maliýe-hojalyk işleriniň netijeleri boýunça Audit netijenamasynyň we hasabatlarynyň nusgalary;

5.5. Emitentiň emläkleriniň gaýtadan bahalandyryş netijenamasynyň göçürme nusgasy.

**AUDITOR HASABATY**
«Tibet Türkmen» hojalyk jemgyýetiniň maliýe-hojalyk
işlerine geçirilen barlag boýunça

Aşgabat ş. 13.01.2023 ý.

«Tibet Türkmen» hojalyk jemgyýeti (geljekde «Barlagyň subýekti» diýlip atlandyrylar) bilen «Hasap maslahaty» hojalyk jemgyýetiniň (Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan 03.08.2022-nji ýylda berlen № 1-17-29-60 belgili ygtyýarnama) arasynda 04.01.2023-nji ýylda baglaşylan № 04.01-HM/HG-1 belgili şertnama laýyklykda, 2022-nji ýylyň buhgalter hasabynyň we maliýe hasabatynyň alnyp barylyşynyň dogrylygyna, şeýle hem olaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklygyna hökmany audit barlagy geçirildi.

Barlagyň subýektiniň maliýe-hojalyk işlerine geçirilen audit barlagy, «Auditorçylyk işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 14-nji maddasynyň 6-njy bölümine laýyklykda, audit geçirilýän subýektiň buýrujy bolup çykyş edýändigi sebäpli, hökmany audit barlagy bolup durýar.

Barlag 2023-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda başlap, 2023-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda tamamlandy. Barlagyň döwri: 01.01.2022-nji ýyldan, 31.12.2022-nji ýyl aralygy.

Audit geçirmeklik üçin barlagyň subýekti tarapyndan aşakdaky resminamalar berildi:

- Kärhananyň Düzgünnamasy;
- Esaslandyryş şertnamasy;
- Türkmenistanyň Edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme;
- Döwlet tarapyndan hasaba almak hem-de Türkmenistanyň edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky Şahadatnama;
- Işiň aýry-aýry görnüşlerini ýerine ýetirmek üçin Ygtyýarnama;
- Şertnamalar we Ylalaşyklar;
- Ýarym ýyllyk we ýyllyk hasabatlary hem-de salgytlar we ýygymlar boýunça Beýannamalar;
- Jemlenen ýyllyk maliýe hasabatlary;
- Hasap-harytnamalar (inwoýslar);
- Bank resminamalary;
- Kassa resminamalary;
- Ätiýaçlyklar we materiallar barada resminamalar;

Audit barlagy berlen resminamalaryň esasynda geçirildi.

Berlen resminamalara laýyklykda audit barlagynyň barşynda aşakdakylar anyklanyldy:

Kärhananyň doly ady: «Tibet Türkmen» hojalyk jemgyýeti.

Kärhananyň Tertipnamasyna laýyklykda (Tertipnama soňky gezek Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ýuridiki şahslary we maýa goýum taslamalary döwlet tarapyndan bellige almak müdirligi tarapyndan 2019-njy ýylyň 19-njy oktýabrynda 25 79 15 57 belgi bilen bellige alnypdyr) esaslandyryjylar Baýjanow Kakamyrat Gökleňowiç bilen Gültäç Amanowna bolup durýar.

Barlagyň subýektiniň hukuk salgysy: Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrabynyň 1922 (S.Myradowa) köçesiniň, 21-nji jaýy.

Barlagyň subýektiniň eýeçilik görnüşi –Raýatlaryň eýeçiligi.

Barlagyň subýekti Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrap salgyt bölüminde salgyt hasabynda dur. Salgyt belgisi: 102 211 003 025.

Barlagyň subýekti tarapyndan audit barlagy geçirilen döwürde öz Tertipnamasy boýunça şu aşakdaky işleri ýerine ýetiripdir:

- Gantdan kakao şokolad we konditer önümlerini öndürmek;

Barlag geçirilen döwürde kärhananyň ýolbaşçysy bolup Baýjanow Kakamyrat Gökleňowiç işleýär, baş buhgalteri bolup 19.04.2022ý. senesini çenli Hallyýew Baýramgeldi Tagandurdyýewiç we 20.04.2023ý. senesinden Baýmyradowa Ogulşirin Mämmetmyradowna işleýär.

Barlagyň subýekti Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda döredilip, Türkmenistanyň Edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizilen pursatynda bellige alnan hökmünde Türkmenistanyň dahyllysy bolup durýar.

Barlagyň subýektiniň özbaşdak balansy, öz ady görkezilen tegelek möhüri, firma blanky bar.

Barlagyň subýektiniň Türkmenistanda öz işlerini amala aşyrmaklyk üçin, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde «Türkmen-Türk» PTB-da 23 202 934 173 168 806 490 000 belgili hasaplaşyk hasaby we 23 202 840 173 168 506 457 000 belgili walýuta hasaby açylan. Barlagyň subýektiniň barlaga beren resminamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň banklarynda başga hasaplary ýok. Görkezilen hasaplarda gaýry kärhanalar we guramalar tarapyndan edilen hyzmatlar üçin tölegler geçirilýär, şeýle hem kärhananyň işgärleriniň zähmet haklaryny tölemek, salgytlary we beýleki hökmany tölegleri tölemek amala aşyrylýar.

Barlagyň subýekti tarapyndan ygtyýarnama talap edilýän işleri degişli ygtyýarnama bolmazdan ýerine ýetirilmändir, şeýle hem «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň talaplary ýerine ýetirilipdir.

Audit barlagyna berlen resminamalara laýyklykda audit barlagynyň barşynda aşakdakylar anyklanyldy:

## I. GURAMAÇYLYK MESELESI

1. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ýüridiki şahslary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan bellige almak bölümi tarapyndan 15.11.2019 ý-dan, 24.09.2022 ý-a çenli möhlet bilen 19.10.2019ý. senesindäki 25791557 belgi bilen hasaba alnan, Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmesiniň möhleti 24.09.2022ý. senesinde gutarypdyr.

**Audit maslahat berýär:** Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmesiniň möhleti täzelenmäge we uzaldylmaga degişlidir.

2. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ýüridiki şahslary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan bellige almak bölümi tarapyndan 19.10.2019ý. senesindäki 25791557 belgi bilen hasaba alnan "Tibet Türkmen" hojalyk jemgyýetiniň tertipnamasynyň 7-nji Jemgyýetiň girdejisini paýlamak bölüminiň 7.2. bendine laýyklykda, ätiýaçlyk gaznasy döredilmeli we býujetiň we kreditorlaryň öňünde borçnamalar ýerine ýetirilenden soň galýan girdeji esaslandyryjylaryň ýygnagynyň karary boýunça paýlanylmana degişlidir.

**Audit maslahat berýär:** Bu möçber diwident görnüşinde esaslandyryjylaryň arasynda paýlanylmaga we bu möçberden "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň düzgünlerine laýyklykda, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy hasaplanylmaga we töleg geçirilen möçberlerden tutulyp döwlet býujetine tölenilmäge degişlidir.

## II. SALGYT HASABY

Geçirilýän audit barlagyň öz içine alýan döwrüne salgyt kanunçylygynyň berjaý edilşine salgyt bölümi tarapyndan resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilipdir.

Barlagyň subýekti hususy eýeçilikdäki edara görnüşli tarap bolup durýanlygy sebäpli (barlagyň öz içine alýan döwründe Aşgabat şäheriniň statistika müdirliginiň güwänamalary we maglumat hatlary bilen tassyklanylýar), «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 95-nji maddasynyň 2-nji bölümine laýyklykda, goşulan baha üçin salgydyň töleýjisi hem-de 138-nji maddasynyň 3-nji bölümine laýyklykda, emläk üçin salgydyň töleýjisi bolup durmaýar.

**2022-nji ýylyň jemi boýunça**
**Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň hasaplanylyşy**

(manat)

| | Görkezijiler | Kärhananyň hasabaty |
|---|---|---|
| 15 | Jemi girdeji – hemmesi (15.1 setir, goşmak 15.2 setir), şol sanda: | 21 845 805 |
| 15.1 | harytlary ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlary etmekden gelen girdeji | 21 647 725 |

| | | |
|---|---|---|
| 15.2 | ýerlemekden daşarky amallardan alnan girdejiler | 198 080 |
| 16 | Salgyt özenine düzedişler girizmegiň bellenilen halatlarynda jemi girdejini köpeldýän pul möçberler | - |
| 17 | Salgyt özenine düzedişler girizmegiň bellenilen halatlarynda jemi gidejini azaldýan pul möçberler | - |
| 18 | Düzedişleri hasaba almak bilen jemi girdeji (15-nji setir, goşmak 16-njy setir, aýyrmak 17-nji setir) | 21 845 805 |
| 19 | Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar – hemmesi (19.1-den 19.8 aralygyndaky setirleriň möçberi), şol sanda: | 8 352 324 |
| 19.1 | harytlar ýerlenilen, işler ýerine ýetirilen, hyzmatlar edilen mahaly goşulan baha üçin salgydyň hasaplanylan pul möçberleri | 18 750 362 |
| 19.2 | goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň ýerlenýän bahasyna şeýle harytlary öndürijiler tarapyndan goşulan goşmaça tölegiň pul möçberi | - |
| 19.3 | Türkmenistandaky töleg çeşmelerinde öň salgyt salnan, beýleki edara görnüşindäki taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan diwidendler we beýleki girdejiler | - |
| 19.4 | oýun işlerinden (humarly oýunlar we pully oýunlar bilen baglanyşykly iş) girdejiler | - |
| 19.5 | harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly çykdajylar (harajatlar), aşakdakylary goşmak bilen: | 18 750 362 |
| 19.5.1 | maddy çykdajylar | 16 459 619 |
| 19.5.2 | zähmete hak tölemek boýunça çykdajylar | 722 171 |
| 19.5.3 | «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 156-njy maddasynyň 1-nji bölüminde görkezilen tölegleriň möçberinden hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna geçirimler | 144 434 |
| 19.5.4 | könelmäniň hasaplanyp ýazylan möçberi | 719 937 |
| 19.5.5 | beýleki çykdajylar we ýitgiler | 704 201 |
| 19.6 | ýerlemekden daşarky çykdajylar (zyýanlar) | - |
| 19.7 | emläk üçin salgyt, ýerasty baýlyklary peýdalanmak üçin salgyt | - |
| 19.8 | beýleki bellenilen aýyrmalar | - |
| 20 | Ýerlenilen esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň (şol sanda olaryň muzdsyz berilmegi) ilki başdaky (balans) bahasy bilen olar ulanylan döwründe könelmäniň hasaplanyp ýazylan möçberiniň arasyndaky tapawut | 50 553 |
| 21 | Salgyt özenine düzediş girizmegiň bellenilen halatlarynda aýyrmalary köpeldýän pul möçberler | - |
| 22 | Salgyt özenine düzediş girizmegiň bellenilen halatlarynda aýyrmalary azaldýan pul möçberler | - |
| 23 | Düzedişleri hasaba almak bilen salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar (19-njy setir, goşmak 20-nji setir, goşmak 21-nji setir, aýyrmak 22-nji setir) | 18 800 915 |
| 24 | Türkmenistanyň Hökümetiniň ätiýaçlyk daşary ýurt pulundaky goruna gönükdirilýän serişdeler | - |
| 25 | Peýda (18-nji setir, aýyrmak 23-nji setir, aýyrmak 24-nji setir), oňaýsyz netije 26-njy setire girizilýär | 3 044 890 |
| 26 | Ýitgi (25-nji setiriň oňaýsyz netijesi) | - |
| 27 | Geçen salgyt döwründäki ýitgileriň hasabat döwrüne geçirilýäni | - |

| | | |
|---|---|---|
| 28 | Salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän peýda (25-nji setir, aýyrmak 27-nji setir), oňaýsyz netije 29-njy setire girizilýär | 3 044 890 |
| 29 | Häzirki hasabat döwründe alnan peýda bilen üsti dolunmadyk öňki salgyt döwürlerindäki ýitgiler (28-nji setiriň oňaýsyz netijesi) | - |
| 30 | Häzirki hasabat döwründe alnan peýda bilen üsti dolunmadyk ýa-da hasabat döwründäki ýitgileri hasaba almak bilen öňki salgyt döwürlerinde çekilen ýitgiler (26-njy setir, goşmak 29-njy setir) | |
| 31 | Peýdanyň salgyt salynýan peýdany azaldýan pul möçberi (peýda üçin salgyt boýunça ýeňillikler) | - |
| 32 | Salgyt özeni (28-nji setir, aýyrmak 31-nji setir) | 21 845 805 |
| 33 | Peýdadan alynýan salgydyň möçberi göterimlerde | 2% |
| 34 | Peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi (32-nji setir, köpeltmek 33-nji setir) | 436 916 |

**Jemi girdeji** barlagyň subýektiniň hasabaty boýunça 21 845 805 manat hasaplanypdyr.

Jemi girdeji hasaba alnanda:

1. Komission şertnamalar esasynda ýerlenilen önümleriň bahasyna komissioneriň baýragy goşulmalydygyny:

2. Barlagyň subýekti tarapyndan bu hasabat döwründe öz öndüren önüminden daşary, haryt söwda dolanşygy amala aşyrylypdyr. Şoňa laýyklykda, harytlaryň ýerlenilen döwri üçin bazar bahalary öwrenilip girdejilerde hasaba almaklydygyny:

3. Barlagyň subýekti tarapyndan şu hasabat döwründe töleg üçin berlen hasap faktura jemi girdejä goşulypdyr. Ýerlenilen harytlar, işler we hyzmatlar boýunça alnan girdejileriň jemi girdejide hasaba alynmalydygyny audit maslahat berýär.

**Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar** barlagyň subýektiniň hasabaty boýunça 18 750 362 manat hasaplanypdyr.

Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar hasaba alnanda:

1. Önümçilikde ulanylan çig mallaryň önümçilige berilişi we ulanylyşy hem-de sarp edilişi, Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 19-njy awgustyndaky 82 belgili buýrugy bilen tassyklanan Ilkinji hasaba alyş resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Gollanmanyň düzgünlerine laýyklykda talaba laýyk resmileşdirilmändir. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 158-nji maddasynyň 6-njy bölüminiň düzgünlerine laýyklykda, şu maddada görkezilen aýyrmalar diňe olar resminamalar esasynda tassyklanan halatynda kabul edilýär diýilip bellenilýär.

***Audit maslahat berýär:***

1. Önümçilikde ulanylan çig mallaryň önümçilige berilişi we ulanylyşy hem-de sarp edilişi, Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 19-njy awgustyndaky 82 belgili buýrugy bilen tassyklanan Ilkinji hasaba alyş resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Gollanmanyň düzgünlerine laýyklykda talaba laýyk resmileşdirilmelidir.

"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 158-nji maddasynyň 6-njy bölüminiň düzgünlerine laýyklykda, şu maddada görkezilen aýyrmalar diňe olar resminamalar esasynda tassyklanan halatynda kabul edilmäne degişlidir.

2. Barlagyň subýekti tarapyndan aýyrmalar hökmünde hasaba alnan ulanyş tutumlaryň möçberi, onuň hasap syýasatyna laýyklykda göni usul boýunça hasaplanylmaga degişli diýilip bellenilipdir.

***Audit maslahat berýär:***

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň 27.10.2021ý. senesindäki 394-ö belgili buýrugy bilen tassyklanyp, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 18.12.2021ý. senesindäki 1539 belgisi bilen döwlet belligine alnan, "Esasy serişdelere hasaplanýan ulanyş tutumlarynyň aňryçäk möçberlerini tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 10-njy fewralyndaky 12053 belgili karary bilen tassyklanan, esasy serişdeleriň toparlara bölünen görnüşlerine hasaplanýan ulanyş tutumlarynyň aňryçäk möçberleriniň çäginde esasy serişdelere hasaplanýan ulanyş tutumlarynyň anyk möçberleriniň gollanylmalydygyny audit maslahat berýär.

3. Beýleki çykdajylar we ýitgiler hasaba alnanda, komission şertnamalar esasynda ýerlenilen önümleriň bahasyna goşulmaly komissioneriň baýragy aýyrma hökmünde hasaba alnypdyr. Barlagyň subýekti bilen müşderiniň arasynda baglaşylan şertnamanyň düzgünleriniň esasynda Türkmenistanyň Raýat kodeksine laýyklykda, komissioner her aý ýerlenilen önüm boýunça hasabat bermäge borçlanýar.

***Audit maslahat berýär:***

Haçan-de komissioneriň ýerlemek boýunça baýragy, şertnama laýyklykda hasabat berlenilnden soňra tassyklaýjy resminama hökmünde kabul edilip, aýyrmalar hökmünde hasaba alynmaga degişli bolup durýar.

**Beýleki bellenilen aýyrmalar** barlagyň subýekti tarapyndan hasaplanylmandyr. Audit barlagy tarapyndan tassyklanylmady we onuň sebäbi, hasabat ýylynyň dowamynda kärhana tarapyndan awtoulaglar ýerlenilýär we 1 400 manat awtoulag serişdeleriniň ýygymy tölenilýär. Şeýle hem, barlagyň subýekti tarapyndan Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň 23.02.2023ý. senesindäki N O 953 hasap fakturasy esasynda sergä gatnaşmak üçin 11 500,00 manat "Mahabat" müdirliginiň 03.11.2022ý. senesindäki N 269 hasap fakturasy esasynda teleýaýlymda goýbermek üçin 55 255,00 manat we "Mahabatly Ulag" hususy kärhanasymyň 16.01.2022ý. senesindäki N 294 hasap faktura esasynda awtobus ulagynda mahabat ýerleşdirmek üçin 22 500,00 manat möçberlerinde töleg amala aşyrylýär. Bu möçberden "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 203-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda, 5%, ýagny 4 462,75 manat möçberinde mahabatlandyrmak üçin ýygymy hasaplanylmalydyr we döwlet býujetine tölemelidir. Jemi 5 863 manat möçberindäki ýerli ýygymlar "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 154-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ä" bendine laýyklykda aýyrma

hökmünde hasaba alynýandygyna garamazdan, aýyrmalaryň düzüminde görkezilmändir.

**Ýerlenilen esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň (şol sanda olaryň muzdsyz berilmegi) ilki başdaky (balans) bahasy bilen olar ulanylan döwründe könelmäniň hasaplanyp ýazylan möçberiniň arasyndaky tapawut** barlagyň subýekti tarapyndan 50 553 manat hasaplanypdyr.

**Düzedişleri hasaba almak bilen salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar** barlagyň subýekti tarapyndan 18 800 915 manat hasaplanylypdyr.

**Peýda** barlagyň subýekti tarapyndan 3 044 890 manat möçberinde hasaplanylypdyr.

Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça Beýannamada barlagyň subýekti tarapyndan 21 845 805 manat **salgyt özeni** görkezilipdir.

**Kärhananyň girdejisinden alynýan salgyt** barlagyň subýektiniň hasabaty boýunça 436 916 manat hasaplanypdyr.

**Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirlen ýygym** barlagyň subýektiniň hasabaty boýunça 45 673 manat hasaplanylypdyr.

**Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrligine geçirilýän 3 % möçberdäki töleg** barlagyň subýektiniň hasabaty boýunça 91 347 manat hasaplanylypdyr.

**Aşgabat şäher häkimligine şäheriň inžener ulgamlaryny, ýollaryny we köçeleri saklamak we abatlamak bilen bagly tölegleri geçirmek üçin balans peýdadan geçirilýän 0,5 % möçberindäki töleg** barlagyň subýektiniň hasabaty boýunça 15 224 manat hasaplanypdyr.

**Mahabatlandyrma üçin ýygym** barlagyň subýekti tarapyndan hasaplanylmandyr. Audit barlagynyň netijesinde 4 463 manat möçberinde hasaplanyldy.

Onuň sebäbi, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň 23.02.2023ý. senesindäki N O 953 hasap fakturasy esasynda sergä gatnaşmak üçin 11 500,00 manat "Mahabat" müdirliginiň 03.11.2022ý. senesindäki N 269 hasap fakturasy esasynda teleýaýlymda goýbermek üçin 55 255,00 manat we "Mahabatly Ulag" hususy kärhanasymyň 16.01.2022ý. senesindäki N 294 hasap faktura esasynda awtobus ulagynda mahabat ýerleşdirmek üçin 22 500,00 manat möçberlerinde töleg amala aşyrylýär. Bu möçberler “Salgytlar hakynda”

Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 202-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda, mahabatlandyrma ýygymy tölemek üçin binýat bolup durýar.

**Hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän töleg** barlagyň subýekti tarapyndan dogry hasaplanypdyr.

**Raýatlaryň aýlyk zähmet haklaryndan tutulýan girdeji salgydy** barlagyň subýekti tarapyndan dogry hasaplanypdyr.

**Raýatlaryň zähmet hakyndan hasaplanylýan şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirlen ýygym** barlagyň subýekti tarapyndan dogry hasaplanypdyr.

**Meýletin pensiýa ätiýaçlyk tölegi** we **meýletin medisina ätiýaçlyk tölegi** kärhananyň işgärleri bilen degişli guramalaryň arasynda şertnamalar baglaşylmanlygy sebäpli, barlagyň subýekti tarapyndan hasaplanylmandyr.

Geçirilen audit barlagynyň netijesinde salgyt hasaby boýunça aşakdaky maslahat berilýär:

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 35-nji maddasyna laýyklykda, ýol berlen ýalňyşlyklar (ýoýulmalar) tapylan we (ýa-da) geçen salgyt (hasabat) döwürlerinde hasaba alynmadyk geleşikler ýüze çykarylan halatynda, ýüze çykarylan ýagdaýlar hasaba alynmazdan kesgitlenilen (hasaplanylan) salgyt (hasabat) döwrüniň salgyt özeni düzediş girizilmäge degişlidir. Bitewi kanunyň 32-nji maddasyna laýyklykda, salgyt töleýji tarapyndan tabşyrylan salgyt beýannamasynda maglumatlaryň görkezilmändigi ýa-da doly görkezilmändigi, şonuň ýaly hem ýalňyşlyklar ýüze çykarylan halatynda, salgyt töleýji salgyt beýannamasyna zerur goşmaçalary we üýtgetmeleri girizmäge we salgyt gullugyna gowşurmaga borçludyr.

Aýdylanlara laýyklykda, geçirilen audit barlagynyň netijesinde salgyt hasaby boýunça bellenilen bellikler, barlagyň subýekti tarapyndan 2022-nji ýyl maliýe we salgyt beýannamalaryna zerur goşmaçalary we üýtgetmeleri girizip, salgyt bölümine we beýleki degişli edaralara gaýtadan tabşyrmaga degişli bolup durýar.

## III. BUHGALTERÇILIK HASABA ALNYŞY

Barlagyň subýekti tarapyndan kärhananyň «Hasap syýasaty», «Hasaplaryň işçi meýilnamasy» tassyklanylmandyr.

Barlagyň subýektiniň buhgalterçilik hasaby Türkmenistanda Maliýe hasabatlylygynyň milli stantarty kabul edilendigine garamazdan, Türkmenistanda Maliýe hasabatlylygynyň milli standarty kabul edilmäkä hereket eden düzgünler boýunça alnyp barlypdyr.

Audit barlagy buhgalter hasabyny alyp barmaklygyň aşakdaky kanunçylyk namalaryna laýyklykda geçirildi:

✓ «Buhgalterçilik hasaby we maliýe hasabatlylygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny №155-IV 27.11.2010 ý.;

✓ Maliýe hasabatlylygyny düzmegiň we bermegiň Konsepsiýasy № 12-Ö 08.02.2012 ý;

✓ Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary;

✓ Türkmenistanda Buhgalterçilik hasaby we hasabatlylyk hakynda Düzgünnamasy;

✓ Girdejileri we çykdajylary emele getirmek boýunça usulýet maslahatlar №45-Ö 14.03.2013 ý.;

✓ Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň mysaly meýilnamasy, № 198-Ö 05.11.2012 ý.;

✓ Türkmenistanyň Prezidentiniň 13.03.2000 ý. 4606 belgili karary bilen tassyklanan Könelmäni hasaplamaklygyň ýeketäk kadalary;

✓ Ilkinji hasaba alyş resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Gollanma, № 82 19.08.2011 ý.;

✓ Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň registrleriniň görnüşlerini ulanmak boýunça Gollanma, № 219-Ö 10.12.2012ý;

✓ Türkmenistanda kassa amallaryny alyp barmagyň Tertibi, №84 27.06.2006ý.

## Buhgalter amallarynyň resminamalaýyn resmileşdirilişi

Buhgalter amallaryny resminamalaýyn resmileşdirmek elektron görnüşinde amala aşyrylypdyr hem-de ilkinji resminamalaryň ýüzünde degişli buhgalter hasaplary görkezilipdir we dolanşyk wedomosti we memorial-orderler ýöredilipdir.

## Bankdaky hasaplaşyk hasaby

Bank edarasyndaky hasaplaşyk hasabyndaky maliýe hereketlerine barlag geçirilende, degişli hasaplardaky galyndylaryň bankyň berýän ýazgylary bilen buhgalteriýa hasabynyň maglumatlarynyň gabat gelýänligi barada her aýda özara deňeşdirmeler geçirilmändir. Ýöne bankyň göçürmesi bilen hasap-töleg resminamalarynyň möçberleri gabat gelýär.

## Kassa

Audit tarapyndan kassa amallaryny alyp barmaklygyň bellenilen tertibiniň ýerine ýetirilişine, girdeji we çykdajy kassa orderleriniň dogry resmileşdirilişine, kassa kitabynda nagt puluň hereketiniň doly görkezilişine, puly öz wagtynda we doly girdeji edilişine, kassa amallarynyň hasabynyň ýagdaýy boýunça kassa amallaryna barlag geçirildi. Barlagyň netijesinde hasabat döwründe harytlary, önümleri ýerlemekden gelýän we esaslandyryjynyň berýän nagt puly banka tabşyrylman, kärhananyň önümçilikde ulanylýan çig mallaryny almak boýunça çykdajylary üçin ulanylandygy anyklanyldy. Gelejekde bu düzgün bozulmany gaýtalamazlyk barada düşündirildi.

**Wezipe gollanmasy**

Kärhananyň wezipe sanawyna laýyklykda wezipeler boýunça wezipe gollanamasy düzülipdir we audit barlagyna berildi.

**Zähmet haky boýunça hasaplaşyk**

Barlagyň subýekti tarapyndan işgärler işe kabul edilende Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda resmileşdirilişi barada barlaga aşakdaky resminamalar berildi:

- işe kabul etmek we işden boşatmak hakynda buýruklar;
- baş direktor tarapyndan tassyklanylan wezipe sanawy;
- raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar.

Işgärlere zähmet hakyny hasaplamaklyk wezipe aýlygyna laýyklykda alnyp barylypdyr.

**Buhgalterçilik hasabyny alyp barmaklygyň hiline baha bermek**

2022-nji ýyl üçin alnyp barlan buhgalter hasabyna Türkmenistanda kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda audit barlagy tarapyndan şertli oňyn baha berilýär.

«HASAP MASLAHATY» TÜRKMENISTAN. AŞGABAT ŞÄHERI. HOJALYK JEMGYÝETI

**Direktor** **A. Ödegurbanowa**

AUDITOR YGTYÝARNAMASY № 1-5-32-183 * TÜRKMENISTAN. AUDITOR Hallyýew Gurbanmyrat Hojanazarowiç

**Auditor** **G. Hallyýew**